# Müň derdiň dermany

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Müň derdiň dermany MÜŇ DERDIŇ DERMANY

Ir zamanda täze söwda başlan ýigit obadaşlary bilen hoşlaşyp, ýola düşjek wagty bir hekimden maslahat sorapdyr:
–Atam, del ýurtlara baranymda, däri-derman gözläp ýörmez ýaly, näme etmeli?
Kerweni ugratmaga çykan lukman hem ýol ýakasyndan taýak atym aňyrda gögerip, gülläp hem monjuklap oturan ösümligi görkezip:
–Hol, gülläp oturan ösümligi görýäňmi?
–diýipdir.
–Hawa, görýän atam, ol ýüzärlik.
–Görýän bolsaň indiki düşläňde, şondan bir desse ýyg-da, ýüküň gapdalyna daň, ýolda gurar. Soň ony boş çuwala ýa-da horjuna sal. Kelläň agyrsa, ýadawlyk duýsaň şony tüsseledip, howasyndan dem al. Ýat ýurduň suwy, iýmiti ýaraman, içiň bozulsa bir monjugynyň içindäki garaja dänäni al-da, çeýnäp ýuwdup goýber, dert golaýyňa gelmez. Mundan başgada, ýüzärligiň tüssesi gözden-dilden, al-arwahdan hem gorar. Söwdaňda hem şowlulyk getirer.
Sebäbi ýüzärligiň her ýapragynda, güldür monjugynda bir perişde adamzada garaşyp otyr, şu ösümligi ulanan adamy ähli beladan goramak üçin – diýipdir.
Ýigit hekime hoşallyk bildirip:
– «Ýüzärlik ýüz belany sowar» diýenleri mundan gelip çykd-ow – diýipdir.

Oguljemal ÇARYÝEWA,
Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri Halk döredijiligi we rowaýatlar